# Pyýada ykbal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Pyýada ykbal PYÝADA YKBAL



Atlylar deňiňden geçse seredip,
Sen oňa kemsinme pyýada ykbal.
Sen söýgini ýüregiňde eredip,
Derýaýy-Nili-de gurmagyň ahmal.
Bilýändirler öýdýär Güni ýöredip –
Gülleri soldurjak ýekeje ahwal,
Ýüpek deý köňlüňi bilermi ýyrtyp.

Bil, kamysdan däl-de zannyň namysdan!
Goý saýsalar saýsyn özlerin artyk
Bu ýolda –
Barybir ornuň seň başga.
Hem olar indi has alysda, daşda.
Gitsinler, bulama elýaglygyňy…
Sebäbi sen olaryň söwer ýary däl.
Hem gama basdyrma kalp baglygyny,
Hakykatyň gözüne seret-de dogry,
Tigirläpjik ýöre nesip kökäni
Dünýäniň ýüzüne seredip dogry –
Tapmaçaň çözgüdin çözýärsiň her gün.
Çözgütler, çözgütler bu bary däl-ä,
Hem Aýyň tegmilsiz doguşyn görgün.
Suwlar durlanar, gizläp löderesin,
Eý atly, ýolda atyñ bûdremesin!
OGULJEMAL ÇARYÝEWA Goşgular